# KÖŇÜL NAGYŞLARY

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 82
K 74

K 74 **Köňül nagyşlary.** Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygyna bagyşlanýar. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

Kitaba belent mertebeli Prezidentimiziň, türkmen we dünýä ýazyjylarynyň, şahyrlarynyň, alymlarynyň beýik türkmen akyldar şahyry Magtymguly Pyragy hakda aýdan sözlerinden – köňül nagyşlaryndan parçalar girizildi. Ol köňül nagyşlaryndan beýik akyldar şahyrymyza berilýän ýokary baha, hormat äşgär duýulýar. Magtymguly Pyragynyň bu kitaba girizilen pähimleri we öwütleri umumadamzat kalbynyň ynsap ölçegleridir, olar ruhubelent, ynsanperwer, mert, ynsaply, ertirki güne ynamly bolmak çakylygydyr.

TDKP № 113, 2014 KBK 83.3 Tür.1

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow:**

Ynsanperwerligiň, watansöýüjiligiň, ruhubelentligiň, bitewüligiň, agzybirligiň aýdymy bolup ýaňlanýan Magtymguly Pyragynyň şygyrlary her bir ynsanyň köňül nagşydyr.

* * *

Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Magtymguly Pyragynyň şygryýeti bitewi gymmatlyklardyr.

* * *

Pyragynyň ajaýyp şygyrlary ähli nesiller üçin beýik taglymatdyr.

* * *

Magtymguly Pyragy adamzada tämiz ruhly, sagdyn ahlakly, şirin zybanly, ajaýyp şygyrlary miras galdyran akyldar şahyrdyr.

* * *

Magtymguly Pyragy nusgawy türkmen edebiýatynyň taryhynda täze bir edebi mekdebi döretmegi başaran şahyrdyr.

* * *

Beýik akyldar Magtymguly özüniň ajaýyp eserleri bilen türkmen dilini we edebiýatyny täze belentliklere göteren ussatdyr.

# MAGTYMGULYNYŇ PÄHIMLERI WE ÖWÜTLERI

* * *

Halal lukma ýagtylyk biýr ýüzlere.

* * *

Bir ýolda günä bar, bir ýolda sogap,
Arasatda senden sorarlar jogap,
Halala hasap bar, harama azap,
Şeki ýokdur, ýada salgyl bu işi.

* * *

Galmagaldan bela geler.

* * *

Ýoksuzlyk bir ýaman ýoldur.

* * *

Magtymguly, haýwan bilse balasyn,
Ynsan bagryn duzlamaýan bolarmy?

* * *

Ýürekde ýok sözi tile getirme.

* * *

Är ýigitli, berkararly il içre
Hiç oňuşmaz, namysu-ar oýnaşar.

* * *

Ýyglap gözüm ýaş etdim,
Köňül içre niş etdim,
Il-günüme bagş etdim,
Zyban içre asalym.

* * *

Dogry ýörgen, dogry gezgen dok bolar,
Biwagt ýörgen melamata çoh bolar,
Ömrüň boýy ýygnaganyň ýok bolar,
Haram söýen ýigitlere baş bolmaň.

* * *

Müň gün aglan bir gün güler.

* * *

Döwlet pelek bile döner,
Kimden uçar, kimde gonar.

* * *

Gadyr bilenden daş etme,
Nägadyra ýoldaş etme.

* * *

Nadan ýagşyň gadryn bilmez,
Aýalsyza mydar bolmaz.

* * *

Yşk dagyn assalar gögüň boýnundan,
Gök titreýip, çekebilmez bu derdi.

* * *

Gözel bardyr gözellerden zyýada,
Anyň hyzmatynda durasyň geler.
Edepli-ekramly, mylaýymzada,
Tä ölinçäň bile ýöresiň geler.

* * *

Her gözelde bir aýyp bar, on iki syna ornuda,
Süýde siňe nazar salsaň, içersinde gany bardyr.

* * *

Ýigit öler ýurt üstünde,
Janyn berer ar üstünde,
Goç ýigitler il üstünde,
Namys bilen ar gerekdir.

* * *

Ýagşylykda ile özün tanadan,
Alkyş alyp, derejesi zor bolar.
Ýaman bolup, ýagşylygy unudan –
Öz yzzatyn gidir, itden hor bolar.

* * *

Mert bolar men diýseň, merde hemra
bol.

* * *

Eý, ýaranlar, mert ýigitden mert dörär,
Haçan turdy, namart ogly mert oldy?

* * *

Her kim güýçli bolsa oňa pir diýrler,
Dertli guluň dermanyny biýr diýrler,
Gawunyň gowsuny şagal iýr diýrler,
Ykbally bendäniň paýy gözel sen.

* * *

Magtymguly, halkdan syryn gizlese,
Dişini uşadyň ýalan sözlese.

* * *

Namart ýigit aýbyň açar.

* * *

Ýaman öz pälinden tapar.

* * *

Gaplaň gürlär çaý içinde,
Gurçuk ýörär laý içinde,
Garyp bolsa baý içinde –
Agarar saçdan, dogrusy.

* * *

Magtymguly, yşk özünden bat eýlär,
Yşk işidir aşnalary ýat eýlär,
Ýalynsyz ýandyrar, közsüz ot eýlär,
Her zamana çekse, sönmez, ýaranlar.

* * *

Akmak özün akyl bilen deň eýlär,
Bir iş tutar, soňrasyndan jeň eýlär,
Zehiniň käýider, aklyň teň eýlär,
Diýdigiň eýlemez, naşy syndyrar.

* * *

Meýdandaky suwsuz aryga meňzär –
Her kimniň sahawat-haýry bolmasa.

* * *

Başyň goşma gadyr bilmez bezzada.

* * *

Ýa bir merde ýykyl, ýa-da Hudaýa.

* * *

Owwal-a mal ýagşy, maldan baş ýagşy,
Baş döwletin tapan mala seretmez.

* * *

Dünýä sözi meňzär duzsuz tagama,
Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa.

* * *

Asy bolma, günähiňden dynawer,
Özüň tany, menligiňden inewer.

* * *

Şeýle duşmandyr ki taňla, başyňyzny
aýlaýyr,
Wagty ýetmän solduryp, bu jismiňiz
läş eýleýir,
Gaýgy, hasrat ýok ekenler, çeşmiňiz
ýaş eýleýir,
Her zaman düýt ýutduryp, öýkeniňiz
daş eýleýir,
Bary gapyl olmaňyzlar, şeýle betkär-
dir çilim.

* * *

Nas atanlar hondan bärsi çak eder,
Ýagşy, ýaman eden işin hak eder,
Akar durar, üsti-başyn poh eder,
Senden gaçar deňi-duşuň, nas atan.

* * *

Magtymguly aýdar, iliň gözünden
Düşübän, hor bolsaň görgül özüňden,
Tiliňni çekmeseň haram sözüňden,
Belli bibat bolar diniň, gybatkeş.

* * *

Tohum sal, orar sen, geldiň bu jaýa,
Ömrüňi geçirme bihuda, zaýa.

* * *

Hiç aňlamaý ziru-zeber,
Ger tapsa jezbämden eser,
«Elipden», «biden» bihabar,
Her demde bir Gurhan çykar.

* * *

Tile gelen sözler köňül nagşydyr.

* * *

Dünýäde aňlardan aňlamaz kändir,
Bilmezler beladyr, bilenler jandyr.

* * *

Bir-birini çapmak ermes ärlikden,
Bu iş şeýtanydyr, belki, körlükden,
Agzalalyk aýrar ili dirlikden,
Munda döwlet dönüp, duşmana gelgeý.

* * *

Bahyl baýda berim bolmaz,
Merdiň sözün bawer kylmaz,
Arwananyň ýüki galmaz,
Ýola girseň ner biläni.

* * *

Pisiň nazarynda durma,
Bahylyň ýüzüni görme.

* * *

Ynjytsa ogul-gyz ene-atasyn,
Toba kylman, Taňrym geçmez hatasyn.

* * *

Garyplar at münüp depse eşekdir,
Döwletliler eşek münse, at bolar...

Bisabyr gul tiz ýolugar belaga,
Sabyrly gul dura-bara şat bolar.

* * *

Gadymdan setdir ýagşylyk,
Ýagşy zatdyr ýagşy gylyk.

* * *

Dişsizler nan tapsa çäresin eýlär,
Müşgildir suprada nan tapylmasa.

* * *

Gul diýip, ýigidiň aslyny sorma,
Hojasy bar, belki, guluna degmez.

* * *

Herne bolsa ýuwdarlar, halal-haram
bilmezler,
Diýrler «Hakdyr Muhammet, uýýan-
dyrmyz Gurhana».

* * *

Agsak keýik ýüz torsuga tutdurmaz,
Şir beçesi togsan tilkä atdyrmaz.
Öli ýylan müň kelpezä ýuwtdurmaz.

* * *

Ýagşy ýigit ýol ýitirmez...
Müň gaýgy bir iş bitirmez.

* * *

Tilki sarkydyn şir iýmez,
Bir iýse, zähere döner.

* * *

Türkmenler bir ýere baglasa bili,
Gurudar Gulzumy, derýaýy Nili.

* * *

Süleýman, sen mura bir gulak goýgul,
Sözüni diňlegil, jogabyn aýgyl,
Häkim bolsaň halky Gün kibi çoýgul,
Akarda suw ýa öserde ýel bolgul.

* * *

Kitap okan gullar magnydan dokdur.

* * *

Köňüller, ýürekler bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň.

* * *

Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda,
Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir.

* * *

Ýigit garryr, aýal ýaman ýoluksa.

* * *

Ýüz namart ýerini tutmaz bir merdiň.

* * *

Akyl bolsaň söz aýtmagyn
Nobat berilmegin ýerde.

* * *

Ýagşylygy pis bilmez –
Är ýanynda bellidir.

* * *

Ýamanyň zyýany iline ýeter,
Nadanyň peýdasy özüne degmez.

* * *

Şere şöhrat bermek şeýtanyň işi,
Gahryn ýuwtmak erer Rahmanyň işi.

* * *

Jomardy il tanyr, adyly diwan,
Aty meýdan tanyr, hümmeti myhman.

* * *

Magtymguly, imdi özüňni gözle,
Ýagşyny taryplap, ýamany düzle,
Az iýip, az uklap, ýene az sözle,
Köp söz ahyr il içinde har eýlär.

* * *

Birew bilen aşna bolaý diýseňiz,
Ozal ykrarynda duruşyn görüň.

* * *

Bedasyla beglik ýetse bir günde,
Alar awun, salar guşun aňlamaz.

* * *

Belet başlar dogry ýoly çen bile,
Akyl adam söz başlamaz «men» bile.

* * *

Ýigidiň hyýaly bolsa serinde,
Çykar bir gün, çöküp galmaz garynda.

* * *

Namart kimdir, biler bolsaň,
Ne diýseň diýr: «Baş üstüne!»
Ezmaýyşyn kylar bolsaň,
Hiç tapylmaz iş üstünde.

* * *

Adam bar, müň tümen iýdirseň azdyr,
Bardyr adam, iýen nanyna degmez.

* * *

Utanmaz adamdan namart ýagşydyr –
Howatyr eýleýir, märekä barmaz.

* * *

Akylly az gürlär, gorkar tilinden,
Namart aýyp gözlär dogan ilinden.

* * *

Gel, köňül, men saňa öwüt bereýin,
Yrak kylma görer gözüň iliňni.

* * *

Ýagşy är il aýbyn açmaz.

* * *

Eşit, adam, dogan ilden
Gaýry mähriban ýurt bolmaz.

* * *

Magtymguly, ýangyl, öçgül,
Ýa lal otur, ýa dür saçgyl,
Bir guýruksyz itdir, gaçgyl,
Nesihat ýokmaýan ärden.

* * *

Dünýäniň ýagşy-ýamanyn
Bileýin diýseň öýlengin.

* * *

Köňlüň istän işler çykmaz,
Nan ýagysy, kärsiz ärden.

* * *

Jahanda ýaman işdir
Gury gelip, boş gitmek.

* * *

Aç hem bolsaň, barma ile dilege,
Diý: «Köşkde men, başym barmyş
pelege»,
Çölde galsaň, hiç tapmaýan kölege,
Erem bagy içre gamsyz galdym tut.

* * *

Dostuňy egleme, nepden galmasyn,
Duşmanyň saklama, syryň bilmesin,
Açda algyň, bege bergiň bolmasyn,
Iş müşgildir, aňlamaza duş gelse.

* * *

Ulalanda iş hoş gelmez
Ýaşlykda köýmän ýigide.

* * *

Ýamana öwüt hebesdir,
Ýagşy äre bir söz besdir.

* * *

Çagyrylan ýere bar, otur-da turma,
Çagyrylmadyk ýere barma, görünme.

* * *

Är ýigit köňlüne gaýgy getirmez.

* * *

Bir-birewge iki ýagşy duş bolmaz.

* * *

Töwekgel ner bolar, endişe–maýa.

* * *

Ýigitlik bostandyr, garrylyk – hazan.

* * *

Ýetimi göreňde güler ýüz bergil,
Goldan gelse, oňa tagam-duz bergil,
Gamgyny göreňde ýagşy söz bergil,
Entäni goldara hemaýat ýagşy.

* * *

It hem aryklygyn gurda bildirmez.

* * *

Gadyrdan dostuňdan ýüzüň öwürme,
Barsaň depesine täç eder seni.

* * *

Bahyl tumşugyny tutar asmana,
Haramdan ýygylan tylla – kän bilen.

* * *

Köňlüň tapan dost ýolunda jan bergil,
Işiň nedir seni diýmez ýar bile.

* * *

Zynhar, kast etmegil iýdigiň nana.

* * *

Ogry ärden bir dogry it ýagşydyr.

* * *

Ýok döwletden ýegdir, bolsa bir hünär,
Müň hünärden zerre döwlet ýagşydyr.

* * *

Bar nygmatdan ýeg saglygyň mazasy.

* * *

Ýagşy günler köp hem bolsa, az görner,
Ýaman günler az hem bolsa, ötmez hiç.

* * *

Yhlas bilen bir kämilge gol bergen,
Ýeter bir menzile, etmeýen galmaz.

* * *

Aşyklygyň belasyn çekmeýen syzmak olmaz,
Wysala doýmak olmaz, hijrana dözmek olmaz.

* * *

Görüstany gör-de, otur, pikir eýle,
Munça men diýenler ýatyr gum bolup.

* * *

Gerçe dilde dost hem bolsa şanyňda,
Bir it bilip, agaç sakla ýanyňda,
Bir gün bolar yllat goýar janyňda,
Ömrüňde ugraşyp, gezseň şum bile.

* * *

Hudany unudyp ýalan sözländen,
Segsen-togsan ýaşan arwat ýagşydyr.

* * *

Ömrüňi ötürgil jemagat bilen.

* * *

Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmasdan burun,
Hastalyk şükrüni kylgyl, täki ölmesden burun.

* * *

Nirä namart gitse, hyzmat bitirmez,
Kelpeňe syr aýtsaň, içde ýatyrmaz.

* * *

Ak puly saklarlar gara gün üçin.

* * *

Ýüz ýaşaýyp düşseň ajal eline,
Sagyňdan soluňa bakança bolmaz.

* * *

Ýaman til ýanynda zähri köp ýylan
Çaksa-da, bir çybyn çakança bolmaz.

* * *

Kyýamat güni jomarda
Dowzahdan zyýan ýetmezmiş.

* * *

Iki dostuň arasynda
Ýaman-ýowuz iş bolmasyn.

* * *

Özün öwen ýigdiň tanapy çüýrük.

* * *

Näge mertlik etse adam biweji,
Her mejlisde ýüz ýol tile getirmiş.

* * *

Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil,
Ne bar manysyz söz uzamak bilen!

* * *

Dembe-dem gussa ýutmakdyr,
Bir ýaman goňşa duş bolan.

* * *

Ýashana ýerinde gülmek ýaraşmaz.

* * *

Kyrk oýnaşly hatyn ýagşydyr, biliň,
Şereňňiz, köp tilli kethudalardan.

* * *

Sözläbilseň ýagşy sözle,
Halk ýamanyň bizarydyr.

* * *

Adam ogly, zynhar, häzir bolawer,
Nebsu-şeýtan saňa sürnüp durupdyr.

* * *

Haryň işi hardyr, dostlar,
Müň magtasaň, atça bolmaz.

* * *

Adam ýagşysy alymdyr,
Amal etmese zalymdyr.

* * *

Bu gadymdan bolup gelýän mysaldyr:
Şagal ýaryp gider gawun ýagşysyn.

* * *

Bedew diýgeç, hemme bedew deň
bolmaz,
Çyn bedewler meýdanynda bellidir.

* * *

Goç ýigide toýdur-baýram,
Her iş gelse il biläni.

* * *

Öz ýanyndan bedewden,
Eşek özün ýeg saýar.

* * *

Ýaramaz ärler zer bilen
Ýazylan bet hata meňzär.
Söz manysyn aňmaz adam
Bir guýruksyz ite meňzär.

* * *

Gaýraty kem bolar gahary azyň.

* * *

Magtymguly, sözle herne bileniň,
Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,
Taraşlap şaglatgyn köňle geleniň,
Senden soňkulara ýadygär bolar.

* * *

Diňle sözüm, ner zarbyny ner tanyr,
Har bakan har tanyr, mähek zer tanyr,
Eý, ýaranlar, är ýigidi är tanyr,
Namartlar ýagşyny, pisi näbilsin.

* * *

Kim biler ki ahyretde neýlärler,
Iýip, içip, minip, guçup öt ýagşy...

* * *

Ümsüm otur, halk içinde sözleme,
Sözlär bolsaň, söz aslyna ýet ýagşy.

* * *

Magtymguly, köňle gaýgy getirme,
Bu bir iş wagtydyr, özüň ýitirme,
«Sözüm aňlan ýok» diýp ümsüm oturma,
Jahan giňdir, çendan bilen-de bardyr.

* * *

Ýagşy oguldan rehmet arygy akar,
Lagnatkerde ogul dogdy, dogmady.

* * *

Gara garganyň perzendi,
Gözüne surat görüner.

* * *

Bir menzildir, üç gün iýip-içensoň,
Ornaşyp, siňirnip, biliň açansoň,
Üzeňňiň çekerler, tört gün geçensoň,
Bäş günden ýokary myhman eglenmez.

* * *

El götergil ham-hyýaldan,
Saňa yssyg ýokdur maldan,
Ruzygär geçse halaldan,
Aryflar söhbedi gerek.

* * *

Gelen aş diýp gelmez, turşutmagyl ýüz,
Nana mätäç däldir, söze myhmandyr.

* * *

Baý halky ýaňra bor, garry – öwünjeň.

* * *

Dul gözüne garry näzenin bolar,
Ýene gözün aýlar köre, çolaga.

* * *

Minnetli aş ajy bolar zäherden.

* * *

Ýat illerde mysapyrlyk çekenden,
Ursa, sökse, horlasa-da il ýagşy.

* * *

Uzak il içinde gezmez ýalan söz.

* * *

Magtymguly, bu kyýamat
Gaýgy başyma çoh apat,
Türkmen ilim, eý, adamzat,
Azat il, güzer gözlär men.

* * *

Ýalançyda ýegdir galsa ýagşy at.

* * *

Sabryň bolsa Subhan ýeter dadyňa,
Jeňňi-jedel laýyk däldir adyňa,
Alma agza, ýaman sözi ýadyňa,
Tiken bolup dürtüp geçer donuňdan.

* * *

Ger emiriň, ger weziriň akly kötek,
ham olur;
Ol weziriň ady ahyr halk era betnam
olur.

* * *

Eden işi ugruna bor, tutan işi rowan
bolsa,
Soňun gözlär, sagynar, bir işinde
zyýan görse.

* * *

Namart kişi tä ölgençe mert bolmaz,
Taryp eýläp, ony öwmek biläni.

* * *

Akly bolan şerap içmez,
Ýagşy ilden adam göçmez.

* * *

Bir bigaýrat ýigit ilde,
Bakyň, tekepbirlik eýlär...
Adamyny däli-mejnun
Ençe ýyllar dulluk eýlär...

* * *

Kömek etseň ýatdan gitmez,
Ýagşy dost dostun unutmaz.

* * *

It güjügi ite çeker.

* * *

Mert ýigit mert ärden öner,
Namart asyl-ha mert bolmaz.

* * *

Hana hemra bolma, päliň azmasa,
Şa gyzyny alma, Huda ýazmasa.

* * *

Gurt bile koý mydar etmez bir öýde.

* * *

Adam ogly gury toprak,
Ten içre jany bolmasa.

* * *

Atylan ok daşdan gaýtmaz.

* * *

Akylly baş köpdür, akyl kesen azdyr.

* * *

Bizler bilen hemra ýören
Aksakgallar, bak, danadyr.

* * *

Dert zyýat bolmasa, dertli samramaz.

4*

* * *

«Peşe» diýip agyrtmagyl, jesetde
jany bardyr.

* * *

Özün oňarmaz adam
Her ýetene söz bolar...
Kempir özün gyz saýar,
Emma goýny buz bolar.

* * *

Mert çykar myhmana güler ýüz bilen,
Namart özün gizlär myhman ýoluksa.

* * *

Herne gelse başa, tiliňden geler.

* * *

Sözle, sözüň ýaýylsyn bu ýagşy-
-ýaman içre.

* * *

Goldan gelen ýagşy işiň bolmasa,
Köňül içre ýagşy niýet ýagşydyr.

* * *

Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär.

* * *

Ýagşynyň köňlünde kine az bolar.

* * *

Ýagşa dost köp, ýaman bolsaň ýok
gardaş.

* * *

Ýagşy ýigit ýol ýitirmez.

* * *

Guda-gaýyn bolup beladaş bolmaň.

* * *

Il-güni bolmasa, şalar tagtdan düşer gider,
Salsaň ol nara daragtny, kül bolar, bişer gider,
Bozsaň ki ary hinin, döwr eýleýip, üýşer gider,
Ölse göz astyda owlak, gäbesi çişer gider.

* * *

Mestana ýörinçäň gaýry ýurdunda,
Önüp-ösen öz ýurduňdan aýrylma!

* * *

Gaýrat – ötde, haýa – gözde.

* * *

Akyl kesmez, dür ýasalmaz ussatsyz.

* * *

Goç ýigidiň pis aýaly,
Janyna jellat görüner.

* * *

Duş bolsaň ýaman hatyna,
Ömrüň öter şer biläni.

* * *

Ýola gitseň, ýoldaşyňy düzetgil.

* * *

Şalar adyl bolmaz, daglar dumansyz,
Çöller gurtsuz galmaz, baglar – reý-
hansyz.

* * *

Dertdir bu janyň zilleti, saglyk anyň
soltanydyr.

* * *

Saglyga ýokdur ygtybar,
Tut mysal, myhman eglenmez.

* * *

Dünýäsine doluşman, ogul-gyza
bulaşman,
Ne hözirli günmüştik bolup gitsek
diwana.

* * *

Eşek köňli hoşdur çoh bolsa saman.

* * *

Galsa köňül tapylmaz, çyksa bu jan
dünýäde.

* * *

Älem içre adam gezmez, at gezer.

* * *

Götermese döwlet guşy,
Uçup bolmaz per biläni.

* * *

Her kişiniň öz akyly
Özüne kemally görner.

* * *

Kemallyk sözünden jan bolar täze.

* * *

Adamdan dünýäde galsa bir nyşan,
Öçmez ady anyň şol binýat ilen.

* * *

Ylym öwreden ussat kyblam pederdir.

# TÜRKMEN WE DAŞARY ÝURT ÝAZYJYLARYNYŇ, ŞAHYRLARYNYŇ, ALYMLARYNYŇ MAGTYMGULY PYRAGY HAKDA AÝDANLARYNDAN PARÇALAR

* * *

Magtymgulynyň aýdymlaryny iki tarly tamdyrasyna goşup aýtmak türkmen üçin aňrybaş hezillikdir. Magtymguly türkmenleriň gökleň urugyndan bolup, ol dünýäniň ähli kitaplaryny, ylmyny gowy bilip, ajaýyp zatlar döredipdir, örän oňat goşgular ýazypdyr. Onuň kitaby Gurhandan soň, türkmenleriň arasynda uzak wagtlap ikinji orny eýelär.

* * *

Magtymgulynyň eserleriniň biziň üçin gymmaty onda türkmen diliniň örän sap nusgalarynyň barlygyndadyr. Bu hili nusgalary onuň at, ýarag hakda we ş.m. temalara bagyşlap ýazan goşgularynda görmek bolýar. Munuň ýaly ýagdaý Gündogar halklarynyň edebiýatynda juda seýrek duş gelýär. Toýda-tomguda ýa-da ýönekeý bir üýşmeleňde Magtymgulynyň aýdymlaryndan aýdýan bagşyny diňlemek miýesser gelen pursatlary meniň aňymda asla ýitmejek täsir galdyrdy.

* * *

Magtymgulynyň şygyrlar ýygyndysy iňňän gyzykly. Onda, bir tarapdan, türkmen diliniň arassa nusgasyny görsek, ikinjiden, şu ýygyndyda beýleki Gündogar şahyrlarynyň eserlerinde seýrek duş gelýän zatlar barada jikme-jik aýdylýar.

Arminiý Wamberi,
wenger alymy

* * *

Magtymguly söz meýdanynyň oragyny orup gidipdir, bize diňe onuň hoşasyny çöpläýmek galýar.

Mämmetweli Kemine

* * *

Magtymgulyny okamda,
Aýdar idim zamanda,
Nogsan barmy, begler, anda,
Sözün togap kylar idim.

Berdimyrat Berdak,
garagalpak şahyry

* * *

Türki halklaryň özgesiniň munuň ýaly bitewi milli şahyry ýok. Magtymgulynyň şahsyýeti barada eýýäm köp rowaýat aýdylýar.

* * *

Magtymgulyny ähli türkmenler aýratyn sylaýarlar... Magtymgulynyň öwlüýä-mukaddesligi türkmenleriň arasynda şek-şübhe döretmeýär. Türkmenler: «Onuň ähli ýazan we aýdan zatlary iru-giç berjaý bolmalydyr» diýýärler.

Fýodor Bakulin,
rus alymy

* * *

Magtymguly ýaly milli şahyrly halk türki halklaryň arasynda diňe türkmenlerdir.

Wladimir Bartold,
rus alymy

5*

* * *

Magtymguly XVIII asyr türkmen edebiýatynda ägirt uly özgeriş döredip, ony öň görülmedik ýokary derejede ösdüren şahyrdyr.

Mäti Kösäýew,
türkmen alymy

* * *

Türkmen halky ençeme şahyrlary döretdi, emma şolaryň arasynda söz ussady, deňi-taýy bolmadyk beýik Magtymguly birinji orunda durýar.

Magtymguly türkmeniň poeziýasynda gymmatbaha daşlaryň biri bolup, ol biziň zamanamyzda täze ýüzügiň gaşynda gözüňi gamaşdyryjy şöhlesi bilen lowurdaýar.

* * *

Magtymguly – Jemşidiň jamydyr.

Ýewgeniý Bertels,
rus alymy

* * *

Dür söz bilen dünýä özün aldyran,
Dünýäniň aşygy dünýäden gitmez,
Dünýäň aşygyny dünýä unutmaz.
Dünýä durdugyça durar Pyragy,
Akyl saçar, söhbet gurar Pyragy.

* * *

Şahyrym! Sen dünýäň bir akyldary,
Dünýämiz dürdäne söz hyrydary.

Gara Seýitliýew,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy

* * *

Magtymgulynyň gyzyla gaplaýmaly goşgy-gazallary, onuň iň oňat, iň progressiw nusgalary biziň öňdebaryjy sungatymyza uly goşant bolup girdi.

Baýmuhammet Garryýew,
türkmen alymy

* * *

Magtymgulynyň eserleri türkmen halkynyň durmuşyndaky tutuş bir taryhy döwri haýran galdyryjy çeper gözellik bilen, ebedilik, ölmez-ýitmez şahyranalyk bilen şöhlelendirdi.

Şamyrat Täşliýew,
türkmen alymy

* * *

XVIII asyr Türkmenistanda Magtymgulynyň poeziýasynyň asyrydyr.

* * *

Magtymguly – bütindünýä poeziýasynyň genji-hazynasyna giren şahsyýet, goşgy bilen gürlän akyldar.

Çingiz Aýtmatow,
gyrgyz ýazyjysy

* * *

Men Magtymgulynyň şygyrlarynyň täsiri bilen duýgulanyp, «Şahyr Magtymguly» atly saz eserini döretdim. Magtymguly meniň ýürek törümde ýaşaýar, ol – ylham çeşmäm.

Gilberg Biberýan,
iňlis kompozitory

* * *

Magtymguly dünýä örän seýrek gelýän akyl we talant pälwanlarynyň biridir.

Zylyha Muhammedowa,
türkmen alymy

* * *

Magtymguly meniň hem şahyrym, onuň dili meniň hem dilim... Men Magtymguludan köp zatlar öwrenýärin, ol meniň-de ussadym. Ýöne onuň öwreden bir zadyny has nygtasym gelýär: ol-da öz halkyň azatlygy üçin göreşmek.

* * *

Aslynda, Magtymguly meniň hem şahyrymdyr. Men şahyr hökmünde Magtymguludan köp zatlary öwrenýärin. Magtymguly meniň-de atamdyr, ussadymdyr. Ol maňa we meniň bilen birlikde şu ýerde bolan ençeme şahyrlara hem iň beýik zady, iň uly zady öwretdi. Şahyr özüniň her bir şygryny halk dilinde ýazyp, halkyň azatlygy hem-de özbaşdaklygy ugrunda söweşipdir hem göreşipdir. Şeýle etmeýän şahyr, şahyr hem däldir.

Nazym Hikmet,
türk şahyry

* * *

Biziň halklarymyzyň däbi boýunça, iň belent zatlar Elbrus dagy bilen deňeşdirilýär. Meniň Magtymgulyny we onuň poeziýasyny şol belent dag bilen deňeşdiresim gelýär. Magtymgulyny biz diňe türkmen poeziýasynyň däl, eýsem, dünýä poeziýasynyň-da Elbrusy hasaplaýarys.

Kaýsyn Kulyýew,
balkar şahyry

* * *

Magtymgulynyň goşgularyny öz dilimize terjime etmek bilen, poeziýa äleminde şeýle ägirt adamyň türkmenleriň arasynda bardygyna göz ýetirdim.

Resul Gamzatow,
awar şahyry

* * *

Magtymguly öz ene dili bolan türkmen dilini çeper edebiýat diliniň derejesine çenli ýokary göteripdir. Şeýlelikde, ol ilki öz halkyny edebi dile ýetiripdir.

* * *

... Mistik-sufistik poeziýadan tapawutlylykda, Magtymgulynyň döreden keşbi – munuň özi bütinleý dünýewi adamdyr, folklordan tapawutlylykda bolsa, ol ertekileýin däl-de, durmuşydyr, hakykydyr, ýönekeý adam üçin hem düşnüklidir. Şu ýerden hem Magtymgula bütin halk ykrary, oňa bolan aýratyn söýgüsi syzylyp çykýar, mundan başga-da, onuň diňleýjileriniň we okyjylarynyň göz öňüne getirmeklerinde şahyr öz döreden keşbi bilen gatyşyp ýaşaýar. Magtymgulynyň aýratyn ýakymlylygynyň syry hem şundadyr.

Iosif Braginskiý,
rus alymy

* * *

Magtymgulynyň goşgularyny özbek doganlarymyz dillerinden düşürmeýärler, aýdym edip aýdýarlar...

Askat Muhtar,
özbek ýazyjysy

6*

* * *

Türkmen Magtymguly, gazak Abaý, garagalpak Berdak – bular Orta Aziýa sähralarynyň üç sany parlak ýyldyzy...

Gapur Gulam,
özbek şahyry

* * *

Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň ruhy hemaýatkäridir, daýanjydyr, goşgulary halkyň ynsap ölçegidir.

Öde Abdyllaýew,
türkmen alymy

* * *

...Magtymgulynyň täsirli sözleri asyrlar boýy saklanyp galar. Häzirki wagtda men şol sözleri Şekspiriň, beýik ukrain kobzary Taras Şewçenkonyň ölmez-ýitmez döredijiligi bilen deň derejede deňeşdirip bilerin.

Iwan Draç,
ukrain şahyry

* * *

Biz her sapar ýüzlenenimizde, Magtymguly biziň üçin ähtibarly maslahatçy, halypa bolup durýar.

Aleksandr Aborskiý,
rus ýazyjysy

* * *

Magtymgulyň şygry ýaly,
Kökün ýere uran daglar.

Kerim Gurbannepesow,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy

* * *

Iňlislerde meşhur Wilýam Şekspire deňelen ýekeje şahyr bar.

Ol – Magtymguly.

Braýan Oldis,
iňlis alymy

* * *

Türkmen kabylasyn arşa ýetiren,
Ady arşa ýeten Magtymguly sen!

Halyl Kulyýew,
türkmen şahyry

* * *

Magtymguly diňe bir kümüşçi ussa däl-de, öz asylly, uly ýüregi bilen hak sözlerden göwher ýasan zergärdir.

Ata Atajanow,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy

* * *

Beýleki türki dilli halklar bilen bir hatarda azerbaýjan halky hem türkmeniň beýik akyldar şahyry Magtymgulynyň dana setirlerini tüýs ýürekden söýüp okaýar. Şol söýgi, şol guwanjam meniň onuň eserlerini ene dilimize terjime etmegime sebäp boldy. Ilkinji gezek 1968-nji ýylda onuň «Gülzardan aýryldym» atly goşgusyny terjime etdim. Soňra Magtymguly meniň iň ýakyn hemrama öwrüldi, kitaplary stolumyň üstünden aýrylmady. Ony gaýta-gaýta okap, ruhy dünýäsine has ýakynlaşdym. Onuň täsirine düşüp, özümem ençeme nezire ýazdym.

Fahreddin Alyýew,
azerbaýjan şahyry

* * *

Türkmen halkynyň akyldar ogly Magtymgulynyň eserlerini öz gürji dilimize terjime etmek maňa şahyr hökmünde uly döredijilik şatlygyny berdi. Sebäbi hakyky suratkeş bilen gatnaşykda bolmak şatlygyň we ylhamyň çeşmesidir.

Armon Aminzade,
gruzin edebiýatçysy

* * *

Magtymgulynyň döredijiliginde ähli şahyrana žanrlaryň özara baglanyşýandygyny bellemek gerek. Şahyryň şygyrlarynda garyp bilen baýyň, barly bilen ýoksulyň arasyndaky özara gatnaşyklar hakyndaky mesele hem gozgalýar. Onuň ýaşan döwründen köp wagt geçeninden soňra, edil şeýle garaýşy biz Hindistanyň beýik ogly Mahatma Gandiniň dünýägaraýşyndan tapýarys.

Amar Kumar Basu,
hindi edebiýatçysy

* * *

Magtymgulynyň döredijiligindäki yşky-liriki goşgular ýokary derejededir. Onuň döredijiligi köp taraplylygy bilen türkmen halkynyň durmuşynyň ähli ugurlaryny öz içine alýar. Ol öz aýdyma öwrülen şygyrlarynda türkmen halkynyň taryhyny, medeniýetini, däp-dessurlaryny beýan edýär.

Oljas Süleýmenow,
gazak şahyry

* * *

Magtymgulynyň edebi mirasy, at-abraýy Özbegistanyň beýleki ýerlerine garanyňda Horezm topragynda has ýokary derejede hatyralanýar. Bu ýerde ol halkyň kalbyna ymykly ornaşypdyr. Munuň esasy sebäpleriniň biri Magtymgulynyň goşgularynyň Horezm özbekleriniň diline golaýlygy, şahyryň Şirgazy medresesinde okap, bilim alanlygy we eserleriniň bir bölegini şu toprakda ýazanlygy bolsa gerek. Şeýle bolansoň, meşhur aýdymçy hem kompozitor Kamiljan Atanyýazow aýtmyşlaýyn, Horezmi şahyryň ikinji bir ýurdy hasaplamak bolar.

Ergeş Açylow,
özbek edebiýatçysy

* * *

Moldowan edebiýatynyň nusgawy şahyrlary ýaly, Magtymguly hem öz döredijiliginde adama we onuň arzuw-hyýallaryna esasy orun berdi. Munuň özi beýik nusgawy şahyryň Moldowanyň XVIII asyrdaky realistleri bilen bir pikir-duýgudadygyny görkezýär.

Lidiýa Hlib,
moldowan ýazyjysy

* * *

Magtymguly hakykata gulluk etmäge berk kasam içen we ömrüniň ahyryna çenli hakykata wepaly bolan şahyrdyr. Magtymguly hakykaty çyn ýürekden söýüpdir we onuň üçin özündäki ägirt uly şahyrana zehininiň ähli güýji bilen göreşipdir.

Pawlo Tyçina,
ukrain şahyry

* * *

Zakaspi oblastynda, Garrygalanyň golaýynda türkmenleriň arasynda XVIII asyryň belli türkmen şahyry Magtymgulynyň öz eli bilen ýazan uly bir tomluk golýazmasy saklanylýar. Bu gyzykly edebi ýadygärlikde hakyky türkmen halk poeziýasynyň ajaýyp nusgalaryna duş gelinýär. Magtymgulynyň eserleri diňe Zakaspi oblastynda däl, eýsem, ol Aral deňziniň kenarlarynda, garagalpaklaryň arasynda hem giňden ýaýrap, örän uly söýgä eýe bolupdyr.

Wiktor Belýaýew,
rus alymy

7*

* * *

Magtymgulynyň döredijiliginiň belentligi onuň aýdyň akylynyň, laçynyňky ýaly ýiti nazarynyň halk durmuşyna çuňňur aralaşanlygyndadyr.

Şükürbek Beýşenalyýew,
gyrgyz şahyry

* * *

Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatynyň iň parlak ýyldyzlarynyň biridir. Magtymguly türkmen edebi diliniň iň beýik ussadydyr. Şygyrlarynyň diliniň sadalygy, halk diline ýakynlygy, okyjylar köpçüligine düşnükli bolmagy Magtymgulynyň ady bilen baglydyr.

Ebrahim Golestan,
eýran ýazyjysy

* * *

Watanyň ykbaly hakynda çyn ýürekden ejir çekmekde türkmen nusgawy şahyry Magtymguly beýik wenger şahyry Şandor Petefä örän ýakyndyr, ol hem azatlyga we hakykata çagyrypdyr. Olary bölýän taryhy menzile garamazdan, iki halkyň genilerini pikirdeşler diýip, jedelsiz atlandyrmak bolar.

Dýarfoş Endre,
wenger edebiýatçysy

* * *

Mundan onlarça ýyl ozal, Wolganyň orta akymynda Magtymguly şahyry tanaýardylar we söýýärdiler. 1868-nji ýylda onuň eserleri bu ýerde ilkinji gezek çapdan çykdy. Şondan bäri Tatarystanyň Türkmenistan bilen edebi aragatnaşyklary pugtalanýar. Bu aragatnaşyklaryň düýbüni tutan beýik Pyragy öz döwrüniň sowallaryna sap ýürekden we parasatly jogap beren akyldardyr.

Rawil Faýzullin,
tatar şahyry

* * *

Uýgur alymy Kadyr Ekber Magtymgulynyň Gündogar Türküstana ýaýran goşgularyny we ses ýazgy edilen aýdymlaryny halk arasyndan toplaýar. Onuň 13 sany goşgusy «Bulak» žurnalynyň 1993-nji ýylyň 2-nji sanynda «Nesihatlar» ady bilen neşir edilýär. Bu goşgularyň uýgur halk aýdymlary hökmünde olaryň milli sazynda ýerine ýetirilmegi bizi örän geň galdyrdy. Magtymgulynyň goşgulary haýsy ýollar arkaly, näwagt, nähili ýagdaýlarda uýgur edebiýatyna öz täsirini ýetiripdir? Bu öwrenilmeli aýratyn meseledir.

Fikret Türkmen,
türk alymy

* * *

Nemes halky Gündogar edebiýatyna uly gyzyklanma bildirýär. Meniň özüm I.W.Gýotäniň «Gündogar äheňlerini», Tomas Mannyň «Ýusup we onuň doganlary» atly ajaýyp romanyny okanymdan soň, Gündogar edebiýatyna içgin girişip ugradym. Maňa beýik türkmen şahyry Magtymgulyny okamagy maslahat berdiler. Okadym, onuň durmuşy, filosofik pikirlerine haýran galdym. Magtymguly – dünýä edebiýatynda ajaýyp bir dünýä. Ol dünýäniň esasy güýji – seni özüne bendi eýleýänliginde we ahlakly ýaşaýşa ugrukdyrýanlygynda.

Willi Bredel,
nemes ýazyjysy

* * *

XVIII asyr türkmen halky üçin iň kyn döwürleriň biri boldy. Şol döwürde türkmen edebiýatynda we medeniýetinde düýpli özgerişlik bolup, şygryýetde öňki döwürlerdäkä meňzemeýän täze ugur peýda boldy. Esasan hem, bu döwrüň goşgularynda watançylyk, dost-doganlyk duýgusy has ösdi we güýçlendi. Azadynyň ogly Magtymguly Pyragy şeýle häsiýetdäki goşgularyň esasyny goýan beýik şahyrdyr.

Abdulkerim Bähme,
owgan taryhçysy

* * *

... Kä alymlar Magtymgulyny sopy hasap edýärler, hatda türk alymy Fuad Köprüli we fransuz alymy Aleksandr Benningson ony Nagyşbendi tarykatyna bagly hasaplaýar. Dogry, Magtymguly Pyragy Bahaweddin Nagyşbendi we beýleki uly şahsyýetleriň köpüsine öz goşgularynda aňrybaş hormat goýýar. Emma, biziň pikirimize görä, Magtymgulynyň dünýägaraýşynyň maddy we ruhy taraplary şeýlebir giň hem köptaraply ýa-da Ý. E. Bertelsiň sözi bilen aýtsak, Jemşidiň jamy ýaly tutuş dünýäni görkezýär, ony belli bir tarykatyň çygrynda çäklendirmek mümkin däl.

Begmyrat Gereý,
owganystanly türkmen alymy

* * *

Ukrainler Magtymgulyny Taras Şewçenkonyň dogany hasabynda görýärler. Sebäbi öz halklarynyň belent aýdymçylaryna öwrülen ol ikisi asyrlaryň dowamynda garyndaş bolup gidipdirler. Olaryň her haýsysy öz halkynyň iň täze edebiýatynyň başyny başlapdyr. Şol edebiýatlar bu günki gün diýseň güýçli, hemmetaraplaýyn ösen edebiýatlara öwrüldi. Dünýä poeziýasynyň parlak ýyldyzlarynyň hatarynda ýene bir parlak ýyldyzyň ady lowurdady. Ol – hupbatly, külpetli zamanda adamlaryň doganlygyny wasp eden, röwşen geljege ynam eden Magtymgulynyň ady.

Oles Gonçar,
ukrain ýazyjysy

* * *

Ýüz görülýän aýna diňe aýnanyň bir bölegidir. Ýöne onda baglar, bulut ýa-da gözeliň ýüzi görnende, ol has ajaýyp bolýar. Men diňe goşgularyň ýönekeý terjimeçisi, ýöne ajaýyp şahyrlaryň goşgulary meniň ýürek damarymdan geçýär, onda şekillenýär. Meniň eserini rus diline geçiren şahyrlarym Magtymguly, Zelili, Mätäji we beýlekiler üçin türkmen ili sag bolsun!

Naum Grebnew,
rus terjimeçisi

* * *

Gadym wagtlardan bäri Gündogarda kerwen ýoly jansyz çölleriň we sähralaryň arasyndaky ýaşaýşyň, ses-sedasyz, iňňän uly giňişlikleriň, adamlaryň aragatnaşygynyň nyşany bolupdy. Häzirki wagtda söz sungaty halklary ýakynlaşdyrmagyň belent we hormatly missiýasyny, wezipesini ýerine ýetirýär. Türkmen edebiýatynyň «kerweni» Magtymgulynyň öz halkyna wesýet eden genji-hazynasy bolan iňňän köp ruhy gymmatlyklary alyp barýar.

Owanes Gukasýan,
ermeni edebiýatçysy

* * *

Halklaryň ruhy güýjüniň hemmesi, şol sanda geçmişiň olar tarapyndan döredilen ruhy baýlyklary-da durmuşy ösüş ugrundaky göreşiň hyzmatynda goýlandyr. Türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymgulynyň döredijiligi hem şoňa gulluk edýär.

Haled-Es-Salam
arap edebiýatçysy

* * *

Magtymgulynyň döredijiligi tükeniksiz şypa berýän, dünýä manysyny saçýan parasat çeşmesidir. Ol ölmez-ýitmez pikirleriň we asylly, adamkärçilikli duýgularyň genji-hazynasydyr. Men Magtymgulynyň goşgularyny okanymda onuň ýagty ýadygärliginiň öňünde tolgunman durup bilmeýärin.

Mürze Ibragimow,
azerbaýjan ýazyjysy

* * *

Magtymguly, hakykatdan-da, türkmen halkynyň dilinden düşmeýär, ol adamlaryň ençeme we ençeme nesilleriniň ýüreklerine ornaşdy. Sebäbi ol bakylygyň şahyrydyr. Ýüz ýyllyklar geçenden soň hem akyldar şahyryň her bir sözi, oý-pikiri, setirleri onuň içki oý-pikirlerini, ýüreginiň urgusyny, duýgusyny, onuň ýürek tolgunmasyny biziň günlerimize çenli alyp gelýär. Ol diňe geçen eýýam hakynda pikir ýöretmäge kömek etmek bilen çäklenmän, eýsem, geljekki asyrlara hem nazar aýlamaga mümkinçilik berýär.

Ýegor Isaýew,
rus şahyry

* * *

Iň pugta sapak – jöwzaly Orta Aziýa giňişlikleriniň ýaşaýyş arteriýasy bolan beýik Amyderýa biziň ülkelerimizi birleşdirýär. Emma munuň özi suwuň janly akymy däl-de, eýsem, siwilizasiýanyň, ylmyň, pikiriň halkdan-halka hereket edişidir. Bu akym Rudakynyň pikirlerini, Jamynyň goşgularyny, Ibn Sinanyň (Awisennanyň) çäksiz bilimlerini umumy baýlyga öwürdi. Beýik Magtymgulynyň poeziýasy hem hemmelere, şol sanda täjiklere-de degişlidir.

Mumin Kanoat,
täjik şahyry

* * *

Edil genial Puşkiniň, ukrain halkynyň beýik kobzary Şewçenkonyň, Nyzamynyň hem-de Rustaweliniň, Saýat Nowanyň we Abaýyň döredijiliginiň halklaryň hemmesine ýakyn hem ýakymly bolşy ýaly, Magtymgulynyň jadyly döredijiligi-de bize ýakyn hem ýakymly.

Grigol Abaşidze,
gruzin ýazyjysy

8*

* * *

Beýik Magtymguly adamlaryň sada, ak ýürekli we mähirli gatnaşykda bolmagyny arzuw edipdir. Onuň halk aladasyna ýugrulan lirikasy şu günler hem ýaşaýar we beýik maksada – hemmetaraplaýyn kämil adamy terbiýeläp ýetişdirmäge gulluk edýär.

Lýuosian Klimowiç,
rus alymy

* * *

Bu gün Magtymgulynyň şygyrlary dünýä halklarynyň pähim baýlygynyň hazynasyna ymykly goşuldy. Sebäbi dünýä okyjysy olardan diňe türkmen durmuşyny däl, eýsem, öz durmuşyny-da görüp bilýär.

Kerimbaý Kurambaýew,
garagalpak edebiýatçysy

* * *

Magtymguly – türkmen halkynyň beýik ogly. Ol türkmenleriň ruhy taýdan galkynmaklarynda, ruhy ösüşinde, milli medeniýetinde täze döwri açan beýik şahyrdyr. Çuňňur demokratizm, döwrüň öňdebaryjy pikirlerine ýykgyn etmek, duýgularyň güýji we olaryň beýan edilişiniň aýdyňlygy şahyryň eserlerine bakylyk berdi. Magtymguly parahatçylygy, halklaryň arasynda dostlugy ündäpdir. Onuň şygryýetiniň bu äheňi bolsa döwrebap äheňdir.

Georgiý Markow,
rus ýazyjysy

* * *

Türkmen nusgawy şahyrlarynyň arasynda Magtymgulynyň şygryýeti biçak baý halk parasaty bilen tapawutlanýar. Halky şygryýetiň bu pälwanynyň eserlerini okanyňda, şu ümmülmez alaňlyklaryň içinde şeýle tapylgysyz zehinleriň döreýändigine haýran galýarsyň.

Guwanbek Mälikow,
gyrgyz ýazyjysy

* * *

Üns bermeli ýagdaý şudur, ýagny Magtymguly türkmen dilinde goşgulary düzmek bilen bu diliň täze edebi dilini doretmek, baýlaşdyrmak maksadyna eýeripdir, ol öz diňleýjilerini «Hemdemlik hem zybanlykdan gowudyr» diýen beýik Möwlana kimin, söýgä, pikirdeşlige we ýürekdeşlige çagyrýar.

Mostafa Naseri,
eýran edebiýatçysy

* * *

Gökleň urugynyň gerkez tiresinden bolan Magtymguly şahyr ähli türkmeniň halypasydyr.

Aleksandr Samoýlowiç,
rus alymy

* * *

Magtymgulynyň nähili ömür sürüp ötendigini jikme-jik göz öňüne getirmek häzir gaty kyn. Biz ol barada köp zatlary bilemzok, ýöne çak edýäris. Emma biz onuň şygyrlaryny okaýarys, bularda şahyr bize öz döwri hakynda taryhçy adama-da başartmajak ussatlyk bilen gürrüň berýär.

Nikolaý Tihonow,
rus şahyry

* * *

Magtymguly – beýik realist. Ol öz döwrüniň hakykatyna dury akyl nazaryny salmak bilen çäklenmeýär, onuň geljek hakyndaky örän hakyky we dury akylda aýlanan arzuw-hyýallary göýä onda öňdengörüji şahyryň we öz isleýän zadyny oňat bilýän, öz maksatlaryny amala aşyrmaga erjel çalyşýan tejribeli halypanyň ukyby birleşen ýaly görünýär.

Leonid Perwomaýskiý,
ukrain şahyry

* * *

Beýik şygryýet bilen duşulanda, adatça, hemişe bolşy ýaly, biziň ýaşlarymyz hem Magtymgulynyň döredijiligini öwrenip, has ajaýyp, ruhy taýdan has baý bolup ýetişýärler. Magtymgulyny söýmän bolanok! Sebäbi onuň ýekeje goşgusyny okamagyň özi-de ýeterlik, onsoň täze duşuşyga garaşyber, çünki şonuň ýaly her gezekki duşuşyk täze we şatlykly açyşdyr.

Füsis Rokpelnis,
latyş ýazyjysy

* * *

Magtymgulynyň şygryýeti joşgunly hyjuwy taýdan-da, iň ýokary derejedäki milli-watançylyk duýgusy meselesinde--de, önüp-ösen ýurdunyň tarypy hem-de ýaşan döwrüni umumylaşdyrmak babatda-da hakykatyň şygryýetidir... Dogrusy, Gündogaryň hiç bir şahyrynda wagtyň obrazy (onuň durmuşy manysynda) Magtymgulynyň döredijiligindäki ýaly esasy orny eýelemeýär... Eger XVIII asyr Magtymgulusyny, aýdaly, XVIII asyryň rus klassisizminiň wekilleri bilen deňeşdirsek, biz diňe bir Magtymguluda hökman bolaýmaly edebi-çeper aýratynlyklary bada-bat görmek bilen çäklenmän, eýsem, käbir meselede artykmaçlygy hem görýäris.

Aryf Gajyýew,
azerbaýjan alymy

* * *

Magtymgulynyň eserleri kitap bolup dükana çykanda, ol kitap maňa ýetmän galdy we onuň tä soňky neşirine çenli men armanly gezdim. Onuň şygyrlary iki halkyň ýürek duýgularyny beýan edipdir. Şonuň üçin hem Magtymgulynyň didaktikasy atamyň nesihaty dek maňa täsirli. Buharada we Hywada onuň okan ýerlerini görkezenlerinde, özümi Kokantda Mukymynyň hüjresinde duran ýaly duýdum... Eger Pyragy Nowaýyny ussady hasaplan bolsa, şahyryň özi hem şägirtlerini, muhlislerini bir ýere ýygnasa, olaryň içinde özbegiň hem wekili köp bolar.

Laziz Kaýumow,
özbek alymy

* * *

Biz doganlyk medeniýetleriň ümmülmez baýlygynyň eýeleridiris. Biziň edebiýatymyzyň genji-hazynasyna doganlyk türkmen halkynyň beýik ogullarynyň biri, türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyry Magtymguly ägirt uly goşant goşdy.

Petrus Browka,
belarus şahyry

* * *

Beýik türkmen şahyry, aryfy we akyldary Magtymguly Pyragyny hatyralamak dünýäniň, esasanam, Merkezi Aziýanyň ägirtlerine hem-de medeniýetine we taryhyna hormat-sarpa goýmakdyr. Ol özüniň beýik hem inçe ruhy, çeper hem düşnükli dili, şonuň ýaly-da hikmetli öwüt-pentleri bilen öz adyny we öz milletiniň adyny taryhda hemişelik galdyrmagy başardy.

Muhammet Isa Ziräk,
eýran ýazyjysy

* * *

Biz Magtymgula türkmen halky bilen deň derejede guwanýarys. Onuň hut özbek halkynyň hem gamyny iýenligi üçin, biz özümizi oňa şärikli hasap edýäris.

Askad Muhtar,
özbek ýazyjysy

* * *

Magtymguly halky şygryýetiň şamçyragydyr. Duşmanlar onuň golýazmasynyň köp sanlysyny ýok etdiler, emma olar diňe kagyzy ýakdylar – beýik sözi ýok edip bolmaýar.

Nabi Hazri,
azerbaýjan şahyry

* * *

Şahyr özüniň «Nahana geldiň» diýen goşgusynda ýüz ýaşamagyň hupbatlydygyny nygtapdyr. Bu gün bolsa Magtymgulynyň ýubileýi, toýy. Onuň doglan gününden bäri ençe-ençe ýyllar geçipdir, şeýle-de bolsa onuň ýüregi ýaşlyk hyjuwy bilen lowurdaýar we ol hemişe gürsüldäp, adamlary bagtyýarlyga çagyrar durar.

Nguýen Kong Hoan,
wýetnam ýazyjysy

* * *

Men henize çenli şeýle özboluşly döredijiligi bilen şeýle original häsiýetli, şygyrlary çuňňur mazmunly şahyra az duşupdym. Ony dünýäniň ähli halklaryna giň möçberde tanatmak gerek. Magtymgulynyň döredijiliginde öwrenere zat juda-juda köp.

Leonid Nowiçenko,
ukrain alymy

* * *

Türkmen şahyry Magtymgulynyň we mongol şahyry Danzanrawjanyň şygyrlary Gündogaryň gymmatly edebi mirasy hasaplanylýar. Iki halkyň bu beýik şahyrlary bir döwürde, ýagny 1700-nji ýylyň ahyrynda we 1800-nji ýylyň başynda ýaşapdyrlar we nesilden-nesle miras galan şygyrlary döredipdirler. Bu beýik şahyrlaryň döredijiligindäki meňzeşlik halklaryň arasyndaky sungat we medeni gatnaşyklaryň bir böleginiň beýanydyr.

Oçurbat Kişugsyren,
mongol edebiýatçysy

* * *

Türkmenleriň klassyky edebiýaty Gündogaryň beýik edebiýatynyň aýrylmaz bölegidir. Bu ajaýyp edebiýatda diňe Magtymgulynyň adyny tutmaklyk-da ýeterlikdir.

Ýuriý Oleşa,
rus ýazyjysy

* * *

Magtymgulynyň bütin ömri we döredijiligi onuň öz halkyna bolan ynsanperwerlige we söýgä ýugrulypdyr. Sada zähmetkeşiň hesretleri beýik watançy şahyryň ýüregini awadypdyr. Şonuň üçinem ol özüniň dünýä poeziýasynyň hakyky göwheri bolan ajaýyp eserlerinde halky birlige, azatlyk we özbaşdaklyk ugrundaky göreşe, ýagty geljege hyjuwly çagyrypdyr. Müňlerçe we müňlerçe zähmet adamlarynyň isleg-umytlaryny aňladýan beýik Magtymgulynyň arzuwy bütin dünýäde durmuşa geçirilýär.

Pak Un Ger,
koreý edebiýatçysy

* * *

Öz beýik oglunyň dana setirlerini ajaýyp labyzly aýdymlaryna siňdiren, hatyrasyna dag ýaly heýkeller bina edip, dabarasyny ilden-ile ýaýýan türkmen halkyna guwanjym çäksiz. Men ilkinji gezek Magtymgulynyň dogduk mekanynda bolup gördüm. Şahyr töweregi belent gözel daglar bilen gurşalan kiçijik obada dünýä inipdir. Meniň ol daglary «Magtymguly daglary» diýip atlandyrasym gelýär. Beýik şahyryň poeziýasy bolsa belent dagdan gözbaş alyp, şaglap inýän kuwwatly derýa meňzeýär. Ol derýanyň suwy indi iki ýarym asyr bäri diňe bir öz iliniň däl, beýleki halklaryň şygra, dana söze muşdaklarynyň hem teşneligini gandyryp gelýär.

Kenesbaý Rahmanow,
garagalpak şahyry

* * *

Magtymgulynyň poeziýasy durmuşy, watançylyk we söýgi lirikasynyň ölmez-ýitmez nusgalarydyr. Häzirki zamanyň ýazyjylary şahyrdan Watana we halka asylly hyzmat etmek baradaky ýörelgesinden nusga alýarlar we öz işlerini hem-de oý-pikirlerini durmuşa geçirmekde ony nusga edinýärler. Magtymguly ruhubelentligiň we sagdyn ýaşaýşyň simwolydyr.

Süleýman Rüstem,
azerbaýjan şahyry

* * *

Şahyr bilen tanşanyňda, şol şahyry döreden halkyň kalby bilen tanyş bolýarsyň. Hala Magtymgulyny oka, hala Fizulyny, hala Nowaýyny oka, hala Rustawelini, hala Abaýy oka, hala Puşkini – sen, barybir, şol şahyry döreden halkyň kalbyny aňsatlyk bilen aňýarsyň. Poeziýa diýilýän zat – ol ýa bu halkyň häzirki durmuşy bilen geçmişini baglanyşdyrmaga hemme zatdan beter ýardam edýän beýik güýç. Geçmişiň şahyrlaryny okanymyzda, biz şol şahyrlary döreden halkyň durmuş ýagdaýyny, şol halkyň alyp baran göreşini we isleg-arzuwlaryny göz öňüne getirip bilýäris. Beýik türkmen şahyry Magtymguly öz halkynyň arzuw-isleglerini ökdelik bilen beýan etmegi başaran poeziýa pälwanlarynyň biridir.

Rasul Rza,
azerbaýjan şahyry

* * *

Ruslary Puşkinsiz, Tolstoýsyz göz öňüne getirmek mümkin bolmaýşy ýaly, türkmenleri hem Magtymgulusyz göz öňüne getirmek kyndyr. Ol türkmen halkynyň ruhy dünýäsiniň iň ýokary derejede ýüze çykmasydyr.

Ýuriý Surowsew,
rus alymy

* * *

Magtymguly öz eserlerinde Hindistany ýatlapdyr. Şahyr: «Uzak dumanlaryň aňrysynda Hindistan bar» diýip aýdypdyr. Ol Hindistany arzuw edipdir, şoňa görä-de türkmen halky şahyryň şanly senesini belleýän wagty hindi galamgärleriniň hem bu ýerde siziň bilen bile bolmagy kanunalaýykdyr. Öz wagtynda biziň liderlerimiz Aşgabada gelip görüpdirler, olaryň arasynda Jawaharlal Neru we Indira Gandi bar. Nerunyň atasy Magtymguly ýaly Hywa medresesinde okapdyr. Bir söz bilen aýdylanda, biziň gatnaşyklarymyzyň gadymy däbi bar.

Subhi Rabat Bhattaçariýa,
hindi alymy

* * *

Nusgawy Gündogar edebiýaty dünýä edebiýatynda hersi bir özboluşly, ajaýyp dünýä bolan beýik şahyrlary bilen uly orun eýeleýär. Hafyz, Sagdy, Firdöwsi, Magtymguly ýaly şahyrlaryň eserleri – uly mekdep. Men Magtymgulynyň goşgularyny okap, şeýle pikire geldim: eger Magtymgulynyň dünýäsini doly öwrenip bolsa, onda özüňi dünýäde iň bagtly adam hasap etse bolar, islän menziliňe-de ýetip bilersiň.

Andre Marlo,
fransuz ýazyjysy

* * *

Çehiýanyň ylym adamlarynyň arasynda beýik türkmen şahyry Magtymgulynyň ady giňden ýaýrandyr. Esasan hem, onuň filosofik eserleri Gündogar şygryýetini we XVIII asyryň sopuçylygyny öwrenýän çehiýaly türkologlaryň arasynda diýseň meşhurdyr.

Wit Mihalik,
çeh alymy

* * *

Magtymguly türkmen halkynyň beýik akyldar şahyrydyr. Ol dünýä edebiýatynyň gaýtalanmajak hadysasy, Orta Aziýa sähralarynyň Dankosy, biziň yklymymyzyň şahyrlarynyň iň zehinlisidir.

Ybraýym Ýusubow,
garagalpak şahyry

* * *

Magtymgulynyň poeziýasy Merkezi Aziýa medeniýetiniň möhüm bölegi bolup durýar. Şonuň üçin Karagandanyň Ý.A. Buketow adyndaky uniwersitetiniň taryh fakultetinde «Gazagystanyň we Orta Aziýanyň medeniýeti» diýen okuw sapaklary (kurs) geçilende, Magtymgulynyň we Buhar Jyryň döredijiliginiň deňeşdirme derňewi berilýär, olaryň terjimehallary öwrenilýär, olaryň ýaşan we döreden taryhy döwri häsiýetlendirilýär. Şeýle okuw sapaklarynyň çäklerinde Magtymgulynyň döredijiligini öwrenmegiň esasy maksady, Merkezi Aziýada türki edebiýatyň we medeniýetiň köpdürlüligini we şol bir wagtyň özünde-de bitewi ösüşiň (logikasynyň) bardygyny görkezmekden ybaratdyr.

Ýelena Zimowina,
gazagystanly edebiýatçy

* * *

Essalawmaleýkim, türkmen doganym,
Gördi dünýä bagtdan gaýnap-çoganyň.
Baýlygna buýsanyp gülýär Garagum,
Döwrana çolanmyş güli türkmeniň.

Ogul-gyzy gaýratynda, güýjünde,
Bagt guşy depesinde – täjinde,
Mollanepes dur dilimiň ujunda,
«Magtymguly – sözlär tili türkmeniň».

Nurmuhammet Ämetow,
garagalpak şahyry

* * *

Başda huşuň bolsa söze gulak sal,
Magtymgulyň sözi dürdür aňlana.
Her sözün gadyrlap, altyn ber-de al,
Tükeniksiz baýlyk kändir aňlana.

Abylkasym Ötepbergenow,
gazak şahyry

* * *

Hindistan, Eýrana eýlediň sapar
Nazaryňy öz iliňe baglap sen.
Aýlandyň dünýäni misli bir çapar,
«Pyragy» at birle, kalby daglap sen.

Hasan Ilsöýer,
azerbaýjan şahyry

10*

* * *

Ähli gülden saýlanyp dur,
Türkmenistan – bagtyň güli.
Şan-şöhrata şaýlanyp dur,
Beýik şahyr Magtymguly.

Aýgül Gumranowa,
başgyrt şahyry

* * *

Pyragy, sen ähli halkyň şahyry,
Rumyn, bolgar, mongollaryň şahyry,
Dälsiň diňe türkmenleriň şahyry,
Bolduň bu gün millionlaryň şahyry.

Sooronbaý Jusiýew,
gyrgyz şahyry

* * *

Magtymgulynyň çeper söz meýdanynda görkezen edermenligi hakyky zergäriň edermenligidir. Türkmen halky bolsa şol zergäriň gadyryny bilýän, oňa ýürekden uýýan halkdyr.

Abdylla Myradow,
türkmen alymy

* * *

Hywadaky beýleki ýadygärlikleriň arasynda belli medreselerden hasaplanýan Şirgazy medresesine seredip gördüm. Maglumatlara görä, bu medresede ähli türkmenleriň şahyry bolan Magtymguly okapdyr. Bu medrese maňa mukaddes duýulýar.

Wiktor Uspenskiý,
rus alymy

* * *

Magtymgulynyň goşgularynda halkyň kalby, söýgüsi we hasraty, oý-hyýallary we ymtylyşlary, zähmeti we göreşi, yhlasy hem umydy, ajaýyp geljege bolan ynamy öz beýanyny tapýar.

Mirseid Mirşeker,
täjik şahyry

* * *

Men örän bagtyýar, ynha, elimde,
Şygyr diwany bar Magtymgulynyň.
Goşgulary aýdym bolan dilimde,
Paýhas diwany bar Magtymgulynyň.

Muzaffar Ahmedow,
özbek şahyry

* * *

Jadyly Soňudag, soňsuz Soňudag,
Seniň ajaplygyň mydam söýerin.
Senden juda alyslarda bolsam-da,
Daşdan bina bolan aýdym diýerin.

Daş ussasy, belki, şeýle sünnäläp,
Pyragyň kalbyny owadan ýasan.
Bilsin, köp zatlary ýitirýänligin,
Bu ýerlere gelip görmedik ynsan.

Galy Ormanow,
gazak şahyry

* * *

Magtymgulynyň eserlerini okadygyňsaýy, olaryň manysynyň düýplüdigine, barha güýjeýändigine geň galýarsyň, çuňňur guýudan suw alsaň, ertir ýene onuň öwezi dolýar. Bu ýerde hem edil şonuň ýaly. Bu gün bir goşgyny okasaň, lezzet alýarsyň. Ertir şol goşgy ýene-de täze-täze lezzet berýär. Şeýle ussat şahyry döreden öz halkyma guwanjymy men hiç zat bilen deňäp biljek däl.

Beki Seýtäkow,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy

* * *

Ermenistanymdan, gençli daglardan,
Getirdim hoş sözi, ýürek ýylysyn.
Bir çemen bagladym seni arzylap,
Ady arşa ýeten Magtymgulusyň.

Waçagan Oganesýan,
ermeni şahyry

* * *

Türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymgulynyň gyzyla gaplaýmaly eserleri tatar okyjysyna biziň öz ene dilimize terjimesi arkaly örän ýakyndan tanyşdyr. Biz, tatar ýazyjylary, Magtymgulyny terjime etmek bilen, şygyr ussatlygynyň mekdebini geçdik, ol bize parasatly pikir ýöretmegi, baý obrazlylygy, halk pähimine daýanyp, gysga sözler bilen çuň many bermegi öwredýär. Halk bilen we halk üçin döredýänlere bu mekdebi geçmek bagtdyr.

Zaky Nury,
tatar şahyry

* * *

Türkmenleriň köňül nagyşlaryna öwrülen Magtymguly Pyragyny bu gün bütin dünýä tanaýar, çünki ol umumadamzat gymmatlyklaryny tug deýin belentde göteren beýik akyldar şahyrdyr.

Maar Baýjyýew,
gyrgyz ýazyjysy

* * *

Magtymguly wagtdan bir gapdala çykyp, ony kesesinden synlaýan ýaly duýgy döredýär: şahyr wagtyň hem dünýäniň bir bölegi däl-de, eýsem, wagtyň başlangyjyny, ortasyny hem ahyryny, geçeni hem geljegi gören beýik şahyrdyr. «Pyragy» sözüniň «el çeken», «boşan», «dynan» ýaly many jäheti «Aňryk ätläp gören» diýmekdir. Hut şonuň üçinem Magtymgulynyň adynyň-abraýynyň barha artmagy tebigy hadysadyr, çünki şahyr sözüň doly manysynda umumadamzat ruhunyň tugudyr, şamşyragydyr.

Timur Pulatow,
özbek ýazyjysy

* * *

Pyragynyň baş terjimeçisi Arseniý Tarkowskiniň «Magtymgulynyň durmuş kodeksleri» diýip atlandyrýan goşgularynyň setirlerini içimden gaýtalaýaryn. Ol goşgular durmuşa dogry düşünmegi, güni-sagady ölçelip berlen gysgajyk ömrüň ýeke pursadyny-da manysyz geçirmezligi, halallygy, rehimdarlygy, adamçylygyň, ynsabyň çäginden çykmazlygy, kanagatlylygy öwredýär. Magtymgulynyň döredijiligi durşy bilen düşünje, päklik, ylym, adalat, ynsap. Bular bolsa ýaşaýşyň esasy sütünleri.

Sergeý Baruzdin,
rus ýazyjysy

* * *

Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň ynsap ölçegidir, onuň şygyrlary ýaşaýyş düzgünnamasydyr. Ol düzgünnamalar diňe bir halk üçin däl, eýsem, külli adamzat üçin hem ýaşaýyş düzgünnamasydyr. Özem bu şygyrlar diňe bir ýaşaýyş düzgünnamalary bolmak bilen çäklenmeýär, olar durmuşyň kada-kanunlary boýunça ýaşamaga borçly edýär. Hut şu hyzmaty üçin Magtymguly beýik şahyrdyr.

Wasiliý Ýan,
rus ýazyjysy

## MAZMUNY

Magtymgulynyň pähimleri
we öwütleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9

Türkmen we daşary ýurt
ýazyjylarynyň, şahyrlarynyň,
alymlarynyň Magtymguly Pyragy
hakda aýdanlaryndan parçalar . . . 57

# KÖŇÜL NAGYŞLARY


Çapa taýýarlanlar *O. Ödäýew,*
*A. Mämmedow,*
*N. Aşyrmämmedow*
Redaktor *O. Bäşimowa*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Surat redaktory *O. Çerkezowa*

A – 77513
Çap etmäge rugsat edildi 23.04.2014.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{64}$. Şertli çap listi 2,5.
Şertli reňkli ottiski 10,25.
Hasap-neşir listi 1,94. Çap listi 2,5.
Sargyt 1092. Sany 5.500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň
Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.